unicef
her bir çaga üçin



# Ruhy Saglyk Barada Hekaýalar

UOK 894.361
R 87

R 87

**Ruhy saglyk barada hekaýalar.** Makalalar. – A.: Ylym, 2026. – 32 sah.

TDKP № 39, 2026

KBK 84 Tür 7

© BMG-niň Çagalar Gaznasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy

© «Ylym» neşirýaty, 2026

# Ruhy saglyk barada hekaýalar

Bu kitapda toplanan hekaýalar çagalaryň we ýetginjekleriň duýgulary, özgerişleri hem-de ruhy dünýäsi bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik döredýär. Olaryň her biri — wakalaryň üsti bilen ýürekde uzak galjak adam gatnaşyklaryny, duýgulary we durmuş sapaklaryny açyp görkezýär.

“Ýagdaýlar niçik?” atly hekaýada mähirli sözleriň çaga ýüreginde nähili uly täsir döredip bilýändigi görkezilýär.

“Bulut” hekaýasy bolsa duýgular bilen ýaşamagyň we olary düşündirip bilmegiň ähmiýetini nygtaýar.

“Elsiz suratkeş gyz” – adamyň güýjüniň diňe beden taýdan däl, ruhy taýdan hem çäksizdigini görkezýän ylham beriji hekaýa.

“Goldaw” hekaýasy çaga bilen ynama esaslanan gatnaşygyň onuň durmuşyny nähili üýtgedip biljekdigini görkezýär.

“Sözüň täsiri” hekaýasy bolsa dilden çykýan bir sözüň näderejede agyr netijelere sebäp bolup biljekdigini ýadymyza salýar.

Bu kitap ähli ýaşdaky çagalaryň, okuwçylaryň, mugallymlaryň we ene-atalaryň üns merkezine niýetlenendir. Ol diňe okyjyda gyzyklanma döretmän, eýsem, ýaş nesiller bilen nähili aragatnaşyk gurmalydygy, nähili goldaw berilmelidigi hakynda hem pikirlenmäge çagyrýar.

Kalbyň sesine gulak asyp okanyňyzda, bu eserleriň her birinde özüňizden bir bölek tapjakdygyňyza ynanýarys.

# Mazmuny


Ýagdaýlar niçik? ........ 1

Bulut ........ 6

Elsiz suratkeş gyz ........ 11

Goldaw ........ 16

Sözüň täsiri ........ 20






# Ýagdaýlar niçik?

# Ýagdaýlar niçik?



Öwez 2-nji synpda okaýardy. Sapaklara gatnaşygy, tertibi gowudy. Ýöne soňky günlerde bir töwra üýtgedi. Bu ýagdaý mugallymlaryň hem gözüne ilipdi. Bir gün surat sapagynda ýanynda oturýan Suraýyň çekip oturan suratyny men-sen ýok garalady.

— Myrat mugallym, Öwez meň surat albomymy, çekip oturan suratymy garalady, — diýdi-de parta ýapyrylyp aglady.

Ýaňy ýokary okuwy gutaryp, mugallymçylykda ilkinji ýylyny geçirýän Myrat mugallym ýuwaşlyk bilen Suraýjygyň ýanyna gelip, ony köşeşdirdi:

—Goý, Suraýjan! Şular ýaly kiçijik zat üçinem bir aglarlarmy? Men saňa häzirjek bäşlik goýaryn welin, ýüzüň açylar. Üstüne garalanan hem bolsa, suratyň gowy çekilendigi görnüpjik dur.



Gyzjagaz birden ýylgyrdy, albomyny alyp, täze sahypada başga bir surat çekip başlady. Mugallym Öweze ýüzlendi, Öwez sortduryp otyrdy, eden işine puşman bolýana hem meňzänokdy.



—Ýeri, Öwez han, bu näme etdigiň boldy?
— Hiç, şeýdesim geldi, gaharlanyp, hyrçyny (aşaky dodak) dişledi.
— Sen öňler beýle çaga däldiň, sen sapakdan soň gal, ikiçäk gürleşeli bolýarmy, Öwezjan, diýip mähirli gürledi.
Öwez bu mähirli sözden soň, içindäki buz ýaly doňan duýgulary pagyş-para eredi. Mugallyma gidip içini dökesi geldi. Sapak gutardy, okuwçylaryň hemmesi ylgaşlap daşaryk çykdy. Diňe Öwez gamgyn oturdy. Mugallym onuň ýanyna geldi-de ýuwaşlyk bilen arkasyny sypalady.





— Öwezjan, senden ýaňky eden hereketiň hakda hiç zat sorajak däl. Sen gowusy, özüň hakda gürrüň ber, ýagdaýlar niçik, ejeň-kakaň dagy nähili?
Öweziň sesi agy gatyşykly, sandyrap çykýardy, ýuwdundy:
— Mugallym, mugallym, ejem bilen kakam ýene bir oglan aldylar. Hemme kişi şoň daşynda, maňa üns berýänem ýok. Men bir zat etsem, ýöne maňa gygyrýalar. Şol oglan öýe gelmeli däldi, hemme zat şol Ýeňişden boldy.

— Hä, asyl şeý diýsene, onda, jigiň ady Ýeňiş-dä, şeýlemi?
— Hawa, diýip gahar bilen uludan dem aldy.
— Owadan ady bar eken. Seret Öwezjan, jigiň bolmagy örän gowy zatdyr. Ine, görersiň jigiň ulalar welin, oň bilen oýnamaga gidersiň, bile futbol oýnarsyň. Ullakan adam bolaňyzda welin, bir-birege kömek edersiňiz, ýykylan wagtyň ilkinji jigiň ýanyňa ylgap geler.





— Siziňem jigiňiz barmy?
— Wiý, hawa, bar. Onda-da iki sany jigim bar, olary şeýle eý görýän, hol, uzaga okamaga gidýän wagtlarym olary bir göresim gelýärdi, bir göresim gelýärdi. Gaýta, begen, jigili bolmak her kime nesip edenok. Jigiňi ilki bilen sen söýmeli!
Ýaňky içinde erän buzlar Öweziň gözlerinden gözýaş bolup syrygyp başlady. Içinde göterip ýören derdi-azary zym-zyýat boldy. Ýylgyryp başlady...

—Goý, indi aglama-da kakaň garaşyp durandyr, bar ýanyna, öýüňize baran badyňyza hem jigiňi ogşa, meň adymdanam ogşa, bolýarmy?
Öwez kellesini ýaýkady-da okuw torbasyny alyp ýelk ýasady.
Mugallym:
—Jigiň ady näme diýipdiň, diýip yzyndan gygyrdy.
—Ýeňiiiiiiş, diýip, yzyna seretmän begenç bilen jogap berdi.



*"Gaýta, begen, jigili bolmak herkime-de nesip edenok. Jigiňi birinjilik bilen sen söýmeli!"*


Bulut



Mekan agaja dyrmaşmagy, esasanam, tudanalaryň garalyp bişýän döwründe, gumda oýnamagy we suwda ýüzmegi şeýle eý görýärdi.

Ýöne bir gün ir bilen oýananda, Mekan özüni sussupes duýdy, hemme zat üstüne ýykylyp gelýän ýalydy. Hammamdaky aýna baryp seretse, gaşlarynyň çytylyp durandygyny hem görerdi, emma aýnada ýüzüni synlar ýaly keýpi ýokdy. Ýüzüne suw sepişdirip gaýtdy.

Özüni agyr duýdy, daş-töweregini ýalňyzlyk gurşap aldy, ýüreginden bir zat aslyşyp duran ýalydy. Oýunlar gyzykly däldi. Hatda iň halaýan kökesi hem ýylgyrtmady.





Ejesi: “Mekan” diýip, hoşamaý sesi bilen çagyrdy, oglunyň ýagdaýynyň öwerlik däldigini aňdy:

— Oglum, saňa näme boldy?

Mekan uludan demini alyp, egnini gysdy:

— Bilemok, eje! Bir hili içim gysýar.

— Käwagt içimizde hem bulutly tutuksy günler bolýar. Bu hemmämizde-de bolýar.

— Mende-de bolýarmy?

— Sende-de,” diýip, ejesi ýylgyrdy-da Mekany gujaklady. “Duýgular howa ýaly. Käte güneşli, käte ýagyşly bolýar. Hemmesi dogry, hemmesi geçýär, balam!”

Ejesi onuň başyny sypap dowam etdi, :

— Mekan jan, göwnüňi açmak üçin kiçijik zatlar hem kömek edip biler. Gel, bilelikde ýüregiňe ýakýan zatlaryň sanawyny düzeli.

— Näme ýaly zatlar? — diýip, Mekan sorady.



— Mysal üçin: suwda ýüzmek, surat çekmek, kitap okamak ýa-da dostlaryň bilen daşarda oýnamak.



Mekan biraz pikirlenip ýylgyrdy:
— Men agaçlara çykmagy, suwda ýüzmegi halaýaryn. Käte aýdyma hiňlensem hem şadyýan bolýaryn.
Ejesi:
— Seni ýylgyrdýan her bir zat seniň üçin peýdaly. Özüňe rehimli bol, balam. Bulut geçýär, gün ýene çykar.
Mekan şol gününi ýuwaş geçirdi.





Duýgularyny surat bilen görkezdi: ullakan çal bulutlar we ýapraksyz agaçlar. Käte partada, käte halyň üstünde ýüzün ýatyp surat çekdi. Soňra bolsa, ýüregindäki pikirleri ejesi bilen paýlaşdy, ejesi ruhlandyryjy sözleri aýtdy.

Agşamlyk bolanda, ýüki birneme ýeňilleşdi. Dolulygyna geçmändi, ýöne öňküsi ýaly agyr hem däldi. Gije goýalyp barýardy.

Mekan asmana seredip, ýyldyzlara ýylgyrdy:

“Bulutly günler hemişelik däl.”



"Bulutly günler hemişelik däl."


Elsiz Suratkeş Gyz

# Elsiz Suratkeş Gyz



Çagalar ilkinji gezek mekdep partalarynda oturdylar. Synpyň içi durşuna şadyýanlykdy. Töwerekdäki zatlaryň ählisi olara nätanyşdy, her tarapa bilesigelijilik bilen seredýärdiler. Ýöne gözlerinde uly hyjuw bardy.

Mugallym salamlaşykdan soň, olara ilkinji sowaly berdi:
— Siz ullakan adam bolaňyzda kim bolmak isleýäňiz?
Soňra her okuwçydan aýratynlykda sorap başlady. Käbir çagalar sowaly doly düşünmän, başga zatlar bilen meşgullanyp otyrdy. Käbirleri ene-atasynyň kärini aýdýardy: biri lukman, beýlekisi mugallym boljak. Ýöne jogap berenleriň arasynda ynamly gürrüň edýän azdy.
Nobat iň soňky oturan gyzjagaza ýetdi. Synpda ähli okuwçynyň ünsi bir ýere, şol gyza gönükdi. Sebäbi ol beýlekilerden üýtgeşikdi. Gyzjagazyň elleriniň gurluşy birhili, barmaklary ýokdy. Mugallym emaý bilen sorady:
— Jerenjan, sen ulalaňda kim bolasyň gelýär?
— Men suratkeş boljak, diýdi.



Sesi sandyraýardy, harplar agzyndan zordan çykan ýalydy. Her kim geň galdy, hatda bir okuwçy ýylgyrdy. Hiç kim gözüni ol gyzjagazadan aýranokdy, bakyşlary ýaňsylydy, hamana gyzjagaz uly bir günä iş eden ýaly. Bu sessiz gözler, geljekde eşidiljek zeper ýetiriji sözleriň öňünden habarçysy ýalydy. Şol habar kän bir gijikmedi. Eýýäm şol sapak gutaranda, bir oglanjyk:

—Sen nädip surat çekjek, elleriň ýog-a, diýip üstünden güldi.

Şeýdip başlanan sözler, ençe ýyl gyzjagazyň ýüzüne uruldy.



*Şeýdip başlanan sözler, ençe ýyl gyzjagazyň ýüzüne uruldy.*



Az soraldy diýeniňde, her gün biri gelip eli hakynda hökman sorag soraýardy. Ýadyrgaýjy bakyşlaryň üstesine: “Suratkeş boljakmyş”, “Aýna bir seredýärmikä”, “Golak diýsänim” diýip, gyzjagaza eşitdiribräk pyşyrdaşýardylar.

Arkaýyn ýüzüne aýdýan hem ýok däldi. Jerenjik ruhy sagdynlygyny goramaga çalyşýardy. . Kä wagt öz-özüne: “Meni hiç kim halanok”, “Meň bilen hiç kim jora bolanok”, “Men hiç zady başarman” diýip gussaly duýgularyň astynda lapykeç

Ol gyzynyň ruhy saglygyny goramak üçin elinden gelenini edýärdi. Her gün gyzy bilen oýnaýardy, onuň joralara bolan islegini kanagatlandyrmaga çalyşýardy. Hatda oňa agzy bilen surat çekmegi hem öwreden kakasy boldy. Her galam ýere gaçanda, kakasy ony alyp berýärdi.



Kakasy gyzyna her gün esli wagtyny aýyrýardy. Oň bilen her hili oýunlar oýnap, onuň jora küýseglerini kanagatlandyrjak bolýardy. Hatda oňa agzy bilen surat çekmegi öwreden hem kakasydy. Kakasy irmän-ýadaman gyzy üçin zähmet çekdi, gyzynyň hemişe ruhy sagdynlygyny berk saklajak boldy, keýpini göterjek boldy.

Jeren uly gyz bolup, ýigrimi bäş ýaşyna ýetende ýurduň iň abraýly sungat akademiýasynyň agzalygyna kabul edildi.
Agza kabul edilen güni, oň bilen söhbetdeşlik geçirdiler:
Žurnalist:
— Jeren! Siziň ilkinji ylhamyňyz näme boldy? Kimden aldynyz? Näçe ýaşyňyzda surat çekip başladyňyz?
Gyz:
— Men ylhamy kakamdan alýan. Ol maňa bäş ýaşymda agzym bilen galam tutmagy öwretdi. Näçe gezek galamy agzymdan gaçyrsam-da, her gezek gelip, ýerden alyp berýärdi.



**Žurnalist:**
**— Size: “Sen suratkeş bolup bilmersiň” diýmedilermi?**
**Gyz:**
**— Diýdiler. Örän kän gezek diýdiler. Ýöne kakam hemişe maňa arka durdy. Ol maňa: “Sen başararsyň, sen erjel bolmaly, özüňi subut etmeli” diýýärdi.**



**Žurnalist:**
**— Eliňiz ýoklugy size nähili päsgelçilik döredýär?**
**Gyz:**
**— Gyz: Hiç hili. Meselem, sen “üçünji gözüm bolsady” diýip, pikir etmeýärsiň, menem edil şonuň ýaly. Sebäbi men dogabitdi elsiz we elleriň bolmagynyň nähili zatdygyny bilemok. Bu meniň üçin adaty ýagdaý.**


Goldaw

# Goldaw



Kakasy tälimçini gyra çekdi:
—Baýram aga, seretme bu çagaň şu wagt ýuwaşja müýnürgäp durşuna, şeýle garagoldyr. Öýde daňyp sakalaýasymyz gelýär. Mekdepde mugallymlar dagdy mundan. Häzir öwerenişsin, bu ýeri çepbe çöwürýär.



Tälimçi gartaşanlygyna mahsus agras sesi bilen:

—Inim, ussa ber-de, eliňi çek diýipdirler. Yzyny özüm oňararyn, sen hatyrjem bolaý, diýdi-de türgenleriň ýanyna ýöredi.

Kakasy ogluny erkin göreşe beripdi. Şu günem ilkinji türgenleşige geldiler.



Kakasy ogluny çagyrdy:
—Bärik gel, ýoknasyz! Öýe özüň baryber, men işe barmaly, beýdip saňa seredip durmaga wagtym ýok. Taparsyň dälmi, daş däl?
—Hawa, taparyn.

Batyr öýe geldi. Üsti-başyndan deriň ysy gelip durdy. Ýuwunyp-ardynyp naharyny iýdi, onýança kakasy işden geldi.
Kakasy:
—Ýeri, bizi masgara etmän gaýtdyňmy ýa ýene bir hokga çykardyňmy?

Ejesi:
—Bor-la, çagaň derrew ýüzüni alýaň!
Kakasy:
—Çagamy şu, on ýaşady, henizem akyllananok.
—Haçan akyllanýar, düýn mugallymy jaň etmedimi: “Ogluňyzy başga mekdebe geçiräýiň” diýip. Ysnat bärik gel, diýip beýleki otaga giren ogluna gygyrdy.
—Geldim, kaka!
—Seň oňaran zadyň bolmaz welin, ýene aýdaýyn: “Türgenleşigi ýekeje gün sypdyrsaň, gaty görme!”
Oglan üçünji türgenleşik diýilende ussat tälimçi Baýram aga Batyry ýanyna çagyrdy.



—Oglum, sende üýtgeşik ukybyň barlygyny görýän, seň hereketleriň tüýs göreşijiň hereketleri.
—Menden göreşiji çykarmy?
—Beh, onda-da nähili göreşiji çykar, men saňa ynanýan, sen başararsyň, ýöne muň üçin sen hökman tijenmeli!



Tälimçi beýle hoşamaý sözleri ýene telim gezek aýtdy, Batyr ahyrynda özüne ynandy. Tälimçi hem her gün türgenleşigi agyrlaşdyrýardy, Batyry süllümbaý bolýança türgenleşdirýärdi. Ýöne şonda-da Batyr türgenleşige höwes bilen gelýärdi, bar pikiri, hyýaly göreşdedi. Bedenini ýadatdygyça ruhy dynç alýardy, ruhy sagdynlaşýardy. Mekdepde garagolluk etmäge eli hem degenokdy. Ol ýakynda ýaryşa gatnaşmalydy.
Ilkinji gatnaşan ýaryşynda 3-nji orna mynasyp boldy.



Mundan soň hasam özüne ynamy artdy, özüni şeýle ruhubelent duýdy. Mekdepde sapaga gatnaşygy hem gowulaşyp başlady. Mugallymlar bu ýagdaýa haýran galýardy. Üç aý öňem “ikilikçi, ysnat” diýilýän çaga, özüni uly adam ýaly alyp barýardy.
Ejesi bilen kakasy hem geň galýardy. Batyr özüni hem tertip-düzgüne salypdy. Indi, eşikleri-köwüşleri öňki ýaly dyr-pytrak bolup ýatanokdy, hemme zadyny ýerbe-ýer, saýhally saklaýardy.

Tälimçisi oňa köp zat öwredipdi. Dek düýnjik hem türgenleşigiň soňunda itilip-kakylyp ýörülen garyp ýigidiň öz erjelligi bilen tüçjar bolşy hakda rowaýat gürrüň beripdi. Batyr şol rowaýaty esli ýola gözöňünden geçirdi. Sebäbi ertir ýene bir ýaryşa gatnaşýardy, bu ýaryş öňkä garanyňda uly ýaryşdy.



Ol hökman birinji orna mynasyp bolaýmalydy.
Ertesi gün ýaryş başlady. Batyryň final tutluşygy ýetip gelýärdi. Kakasy hem ýanynda onuň eginlerini, ellerini owkalap berýärdi:
—Pälwan oglum, goç oglum, seň ýeňersiň oglum, men saňa ynanýan oglum!
Tälimçisi eli bilen Batyra gel diýip yşarat etdi, gelenden soň hem gulagyna pyşyrdap:
—Sen çempiýon, diýip Batyryň arkasyna kakdy-da, göreş meýdançasyna iteklüp goýberdi.

*"men saňa ynanýan, sen başararsyň, ýöne muň üçin sen hökman tijenmeli!"*



# Sözüň täsiri

# Sözüň täsiri



Obaň mekdebe gidýän oglanlary jemlenişip futbol oýnajak bolýardylar. Iki topara bölünip durdular. Iň soňunda Nurýagdy galypdy. Perhat:
— Aý, bolýa-da, bu pak göwränem men alaýaryn. Bar, Çişik, derwezä geç, şony oňarsaň bolýar, diýdi.

Nurýagdy azrak gahary gelse-de, sesini çykarman derwezä tarap ýüzüni sallap ýöräberdi. Ol barmaga garşy topardan bir oglan gygyrdy:
— Eý, Nurýagdy, eliňi ulanjak bolup kösenip durma, topuň öňüne garnyňy tutsaň bolany, ha-ha!
Nurýagdy hyrçyny dişledi, "bir gyzyl ýumrugyň aşagyna alsaň bilýän-le, garynmy, elmi, seňem dermanyň..." diýip içini gürletdi. Oýun başlady, gyzgalaňly dowam edýärdi, ala-goh, topy maňa ber-de, oňa ber. Ol barmana, Nurýagdyň goraýan derwezesine bir top girdi.



Nurýagdy düşünibem ýetişmedi.
Perhat derwezäň ýanyna gelip:
— Seni nalaç aldym-da, palkyk diýsänim, sen adyňa Nurýagdy däl-de Ýagýagdy goýmaly ekenler, diýip hüňürdäp gitdi.
Nurýagdyň ruhunda ýyldyrym çakyp gitdi. Öňler semizligine degişli ýaňsylamalar, gülküli gürrüňler kän eşidipdi, ýöne bu hilisini şu wagta deňeç eşidip görmändi.
Şeýle bir namys etdi, şundan şeýläk ýekeje lokma zat iýmen diýip ant içdi. Şol günüň özünde berhize başlady.



Bir gün geçdi hiç zat iýmedi, iki gün geçdi hiç zat iýmedi. Kä wagt bir suw içýärdi. Ene-atasy geň görýärdi, iýdirjek bolup şunça jan etselerem kes-kelläm göwnänokdy. Üçülenji gün ejesi özelenip haýyş etdi.



— Oglum, esasy zat horlanmak däl, ýüregiň päk bolsun, adamlara söýgiň bolsun, häsiýetiň gowy bolsa adamlar seni sylar, beýdip özüňi köseme!
— Ýok, eje men iýjek däl, men horlanjak!
— Iýäý, oglum, azrak iýibem horlanyp bolýar-a!
Kakasynyň sesi eşidildi.
— Tutan berhizi bolmaz, gizlenip iýýändir, bolmasa, beýdip çydajak çaga däl bi...

Nurýagdy hyrra gahary geldi, içinde göreşip duran umydy syndy duruberdi. Ýene bir-iki sagat çydajak boldy, gaharyna aşhana baryp, tapan tagamyny, çöregi dykyp-dykyp iýmäge başlady. Iýdigiçe içýakgyç gülküsi tutýardy. Özüne bolan ynamyny ýene bir gezek ýitiripdi.
Üç gün hiç zat barmadyk aşgazana birden munça agyr ýük gütüläp düşdi welin, aşgazany agyryp başlady.



Başda haýal agyrsa-da soňa-baka çydar ýaly däldi. Ýerde düwdürilip ýatdy. Ejesi-kakasy ýagdaýyň öwerlik däldigini aňyp, derrew hassahana alyp gitdiler.



On gün hassahanada boldy. Nurýagdy, aşgazanyna çökder zyýan ýetiripdir. Aşgazany doly bejerilýänçä diňe damardan, käte bir agzyndan suwuk nahar geçirip iýmitlendi. Hossarlaryny hassahanaň gapysynda irikge edipdi, ejesi görgüli her gije ýanynda oturyp, uklap galýardy.



Öýüne gelensoň, synpdaş dostlary görmäge geldi, horlanandygy görnetin bildirip durdy. Başga oglana meňzäp gidipdi. Horlanmasyna horlanypdy welin, tas bolmasyz zadam bolýardy. Synpdaşlarynyň içinde Perhat hem bardy. Ýöne ol “Ýagýagdy” diýen sözi üçin munça agyr zatlar bolandyr diýip kellesine-de gelenokdy.

Synpdaşlary gidensoň, gapydan kakasy eli miweli girdi:

— Goç oglum, pälwan oglum! Lukmanyň miwe beriberiň diýdi, ine, alma, ine-de, banan. Şulary ýuwaşlyk bilen, köpräk çeýnäp iý, oglum!



*Oglum, esasy zat horlanmak däl, ýüregiň päk bolsun, adamlara söýgiň bolsun, häsiýetiň gowy bolsa adamlar seni sylar, beýdip özüňi köseme!*

BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ
ÇAGALAR GAZNASY

# RUHY SAGLYK
# BARADA HEKAÝALAR

Makalalar


| | |
|---|---|
| *Redaktor* | *N. Kakalyýewa* |
| *Teh. redaktor* | *Ý. Peskowa* |
| *Kompýuter bezegi* | *M. Islamowa* |

Çap etmäge rugsat edildi 24.03.2026.
Ölçegi 60×84 1/8. Times New Roman garniturasy.
Çap listi 2,0. Şertli çap listi 3,72. Hasap-neşir listi 2.0.
Neşir № 30. Sargyt № 2. Sany 100.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň «Ylym» neşirýaty.
744000. Aşgabat, 2011-nji (Azady) köçesi, 61.



Aşgabat, 2026 ý.